# Möwlit bidgaty.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Yslam ymmatynyň birinji Halyfasy Hezreti Ebu Bekr (radiallahu anh) musulman ymmata 2-ýyl Halyfalyk etdi. Emma o Möwlit bellemedi. Ol ymmatyň syddyky we Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) iň ýakyn sahabasydy.

2- Hezreti Omar (radiallahu anh) 10-ýyl Halyfalyk etdi. Ol hem Möwlit bellemedi. Hezreti Omar (radiallahu anh) hak bilen batyly biri-birinden aýyran Farukdy.

3- Hezreti Osman (radiallahu anh) 13-ýyl Halyfa boldy. Hezreti Osman (radiallahu anh) Möwlit bellemedi. Hezreti Osman (radiallahu anh) Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) iki gyzyna öýlenen kişi we ymmatymyzyň iň utanç-haýaly kişisidi.

4-Hezreti Ali (radiallahu anh) 4-ýyl Halyfa boldy. Ol hem Möwlit bellemedi. Hezreti Ali (radiallahu anh) Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) dädesiniň ogly we Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) gyzy, jenneti zenanlaryň iň hormatlysy Fatma enemiziň ýan ýoldaşydy.

5- Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) agtygy, Hezreti Aliniň (radiallahu anh) ogly we jenneti ýaşlaryň iň hormatlysy Hasan (radiallahu anh) 6-aý musulmanlara hökümdarlyk etdi. Emma Ol hem Möwlit bellemedi.

6- Soňra Sahabadan Muawiýe (radiallahu anh) hem musulmanlara baş tutan boldy. Ol hem Möwlit bellemedi. Muawiýe (radiallahu anh) musulman Soltanlaryň iň haýyrlysydy.

7- Olardan soňra Emewi döwleti geldi. Emewileriň içinde Hezreti Omaryň neslinden bolan Omar bin Abdulaziz (rahimehullah) ýaly weli, alym kişiler bardy. Emewilerden soňra Abbasi döwleti geldi. Abbasilaryň içinde Harun er-Raşid (rahimehullah) ýaly haýyrly hökümdarlary bardy. Emma bularyň hiç biri Möwlit bellemedi.

8- Bu ady agzalan kişiler Yslam ymmatynyň hakyky, öwliýa, alymlary we beýikleridir. Pygamberimiziň sahabalary we Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) hakyky söýgi bilen söýen kişilerdir. Bular ilkinji üç nesil musulmanlardan bolan, fazíletli üç asryň ýaşaýjylarydyr. Allah Tagalaň Kuran-Kerimini, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetini hemme kişilerden iň gowy bilýän kişilerdir. Emma Olaryň hiç biri Möwlit bellemedi.

9- Eger Möwlit haýyrly we gerekli bolsady, ol Yslamyň beýikleri, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sahabalary buny bizden öň bellärdiler we bize görelde bolardylar.

10- Biz hem Ymam Mäligiň (rahimehullah) diýenini diýýäris: Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) we sahabalaryň zamanasynda dinde edilmedik we ýok zat. Bu gün hem dinden bolup bilmez.

11- Şeksiz-şübhesiz bilinýän zatlaryň biri hem:

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ahyrýede göçmezden öň Allah Tagala Yslamy kämil, bir-kemsiz kyldy we Oňa bolan din nygmatyny tamamlady.

12-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hadyslarynda Özüniň we sahabalarynyň dinde etmedik zadyny etmekden ymmatyny ägä etdi.

13- Allah saňa rahmet etsin musulman dogan bil-ki: Ilkinji fazíletli üç nesillerden bolan Sahaba, Tabygynlar we taby-tabygynlar Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) Möwlidini bellemeýärdiler.

Bu bidgaty ilkini tapanlar azan şigalaryň bir şahasy bolan Fatymylardyr.

14- Fatymylar döwletinde açyk küfür/kapyrlyk, pyssy-puçurlyk, arak-şerap içmek, zyna etmek ýaly haram işler etmek ýaýrandy. Minberlerde Selefi-salyhyna söwüp, sahabalara kapyr diýýärdiler.

Bu betbagt ynsanlar alty sany Möwlit oýlap tapdylar olar: Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem), Hezreti Fatmanyň , Hezreti Aliniň, Hasan, Huseýiniň we öz hökümdarlarynyň Möwlitlerini belleýärdiler.

15- Soňra bolsa, musulmanlardan käbir kişiler Fatymylaryň agzyna öýkenip, Möwlit bidgatyny belläp başladylar.

Möwlit belleýänleriň Kurandan, sahyh sünnetden Möwlit bellemek bolýandygyny habar berýän delilleri ýokdur. Deli diýýänleri hem diňe özleriçe çykarýan ýalňyş netijeleridir ýa-da sahyh bolmaýan rowaýatlarydyr. Sahyh bolaýanda-da Möwlide yşarat edýän zat ýokdur. Ýa-da soňradan gelen käbir ylym-ähliniň sözleridir.

16- Biz Möwlit belleýänlere şu üç soragy soraýarys:

1-nji sorag: Möwlit bellemek sogap gazandyrýan tagatlardanmy ýa-da günä işlerdenmi?

Elbetde Olar: Sogap gazandyrýan tagat diýerler.

Eger günä diýseler, onda gürrüň gutarýar.

2-nji sorag: Hawa, sogap gazandyrýan tagat diýdiňiz!

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu tagaty bilýärdimi ýa-da bilmeýärdi?

Eger Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bilmeýärdi diýseňiz!

Waý siziň halyňyza!

Çünki bilmeýärdi diýmek bilen, Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) töhmet atdygyňyz bolar. Bu bolsa, açyk zyndyklykdyr.

Eger Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Möwlit barada bilýärdi diýseňiz!

Onda üçünji soraga geçýäris!

3-nji sorag: Möwlit bellemek sogap gazandyrýan tagat diýdiňiz!

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hem Möwlit barada bilýärdi diýdiňiz!

Onda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna Möwlit barada habar berdimi ýa-da habar bermedimi?

Eger ymmatyna habar bermedi diýseňiz, bu Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) garşy uly edepsizlik we töhmet bolar!

Bu sözden, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) özüne berilen ylymy ymmatyna habar bermän gizläp goýdy diýen many çykar.

Allah Tagala aýatda şeýle diýdi:

يَا أَيُّهَا الرَّسُولُ بَلِّغْ مَا أُنزِلَ إِلَيْكَ مِن رَّبِّكَ وَإِن لَّمْ تَفْعَلْ فَمَا بَلَّغْتَ رِسَالَتَهُ

**“Eý, Pygamber! Robbiňden saňa inderileni (olara) ýetir. Eger (muny) etmeseň, Onuň (Allanyň) ilçiligini ýerine ýetirmedigiň bolar.”** (Maida 5/67)

Eger Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna Möwlit barada habar berdi diýseňiz!

Onda deliliňiz nirede?

Sahabalaryň, tabygynlaryň, taby-tabygynlaryň Möwlit bellänleri nirede bar?

Sahabalar we olardan soňra ýaşan tabygynlar, taby-tabygynlar ol delilleri görmedilermikä?

Emma bu bidgaty ilki tapanlar we Möwlit bellänler Fatymylaryňam azanlarydyr.

Şonuň üçin hem Möwlit bellemegiň bidgatdygynda şek-şübhe ýokdur.

Möwlitde uly we kiçi käbir nädürs işler edilýändir.

Allah Tagala bizi bidgatlardan we ähli azgynlyklardan gorasyn.

Bidgata düşen musulman doganlarymyzy hem dogry ýola getirsin.

Allah Tagala ählimizi, bize janymyzdan hem eziz bolan Pygamberimiz Muhammet sallallahu aleýhi we sellemiň ýolundan azmakdan gorasyn.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.